# Nämüçin adam ganyny içýärler?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nämüçin adam ganyny içýärler? NÄMÜÇIN ADAM GANYNY IÇÝÄRLER?




- ***«Allatagala size ölini (maslygy), gany, doňuz etini we Alladan başgasynyň ýoluna aýdylan maly iýmegi haram kyldy.»***

Ýaşap ýörseň, dünýäde eşdilmeýän zat ýok. «Giňdir dünýe – geňdir dünýe» diýleni. Taryhda adam ýa-da haýwan ganyny içmäge käbir jemgyýetlerde bolaýmaly zat hökmünde garalandygyny taryhy çeşmeler habar berýär. Araplaryň yslamyýetden öňki jahylyýet döwri diýip at beren döwründe adamlar öldüren mallarynyň ganyny gaplara guýup gyzgynlygyna ýa-da ýörite saklap içýän ekenler. Belkäm, şonuň üçindir Gurhanyň «Maide» süresiniň 3-nji aýatynda gan içmek gadagan edilipdir.
Edil häzirki döwürde yzygiderli ýagdaýda adam ganyny içýänler hakda eşdipmidiňiz? Özem şolar ýaly adamlar gan içmese oňubam bilenok! Eýsem kimkä aramyzda ýaşap ýören şeýle zamanabap wampirler?
Dünýäniň birnäçe uly şäherlerinde daşyndan göräýmäge adaty adamlar ýaly bolup görünýän, emma yzygiderli ýagdaýda adam ganyny içip ýaşaýan adamlar bar. Ýogsa-da, ol adamlar nämüçin gan içýärkä? Özem adam ganyny…
Wampir mifi dünýäniň birnäçe ýerine ýaýrap, kitaplar, çeper filmler bilen birlikde populýar medeniýetiňem aýrylmaz bölegine öwrüldi. Çeper filmlerdäki we hekaýatlardaky wampirleriň hakykatdanam bolandygy hernäçe subut edilmedigem bolsa, «BBC Future»-de Dewid Robsonyň modern (zamanabap) wampirler bilen gürrüňdeş bolup taýýarlan makalasyna görä,

biziñ günlerimizde yzygiderli ýagdaýda adam ganyny içýän adamlar hakykatdanam bar eken. Özem her günde-günaşa ýolda-yzda pete-pet duşýan, belki-de hiçem ünsüñizi eglemeýän adaty adamlaryñ arasynda bar…

## • FIZIKI DÜNÝÄ BILEN RUHLAR DÜNÝÄSINIÑ ARASYNDAKY KÖPRI

Biziñ günlerimizde gan içmek ýürek bulanjy pişe. Emma ýagdaý hemişe şeýle däldi. XV asyryñ ahyrlarynda adam ganyny içmek bejergi usullarynyñ biridi. Bu usul has soñra epilepsiýa keselini bejermekde ulanyldy. Gana fiziki dünýä bilen ruhlar dünýäsiniñ arasynda köpri hökmünde garalýardy. Dürli sebäpler bilen adam ganyny içmek XVIII-XIX asyrlarda-da dowam edipdir we bu ýaramaz endik biziñ günlerimize çenli gelip ýetipdir.
Ganyñ derman hasaplanan XV asyrynda Rim papasy Innokentiý VIII ölüm ýassygynda ýatyrka ony sagaltmak maksady bilen üç sany ýaş ýigidi tä ölýänçä gany akdyrylyp, gyzgynlygyna oña içirilipdir.
Internet çykmazdan öñ aragatnaşygy çäkli bolan gan içijiler indi özbaşyna birgiden jemgyýeti emele getirýär. Wampirizm toparlaryna degişli edilenleriñ bir topary fiziki güýç edinmegiñ kül-külünde bolsa, bir topary psihologik sebäpler üçin gan içýär. Aslynda gan içmek bilen baglanyşdyrylýan «wampir» obrazy şeýle adamlar üçin identiçnost däl.

## • GAN ÜÇIN DUÝULÝAN AÇLYK

Donorlardan gan alýan bu zamanabap wampirleriñ populýar medeniýetdäki wampir obrazy bilen hernäçe ýakynlyklary bolmasa-da, ganyñ tagamy belli bir wagtdan soñ ymsyndyryjy açlyga öwrülýär. Adam gany hakda C.J köp mukdarda gan içende iýmit siñdiriş sistemasynyñ has gowy işleýändigini aýdýar. C.J.-niñ tanşy «Kinesiýa» hem «ajyganda» ýüreginiñ bulanýandygyny we munuñ diñe gan içenden soñ düzelýändigini, özüni hasam ýeñil we täzelenen ýaly duýýandygyny aýdýar. Gürrüñdeş bolnan wampirler saglyk taýdan agyry-ynjylarynyñ ýokdugyny aýtsa-da, ABŞ-nyñ Kaliforniýa ştatynyñ Los-Anželes uniwersitetinden Tomas Gans bu ýaramaz gylygyñ infeksion

howpuna ünsi çekýär. Ol aýratynam gan içmäniň netijesinde aralaşýan rahatlygyň psihologik näsazlyk ähtimallygynyň iňňän ýokarydygyny nygtaýar.
Şu ýerde bir zady ýatlap geçsek gowy bolar. Türkmenlerde ulalyp barýan güjüge süňk gaýnadyp suwuny içirmek bilen bir hatarda malyň ganyny içirmek köp duş gelýär. Itçil adamlar munuň güjügi dogumlandyrýandygyna, güjügiň uruşjaň it bolup ýetişmegine peýda edýändigine ynanýar. Eger şeýle bolýan bolsa, onda gan içmegiň-de adamy belli bir derejede adamçylyk duýgularyndan, ynsan durkundan daşlaşdyrýandygyny çaklasa bolar.

**• NÄMÜÇIN GAN IÇÝÄRLER?**

Gan içmäge bolan meýliň sebäbi hökmünde käbir wampirler belli bir derejede iýmit siňdiriş sistemasynda näsazlygyň bolup biljegini pikir edýär. Emma mental meseläniň hem bolup biljegini boýun alýarlar. Wampirizm köpçülikleriniň hasam tanalyp we göze ilip durmagy bilen bu boýunça ylmy-medisina barlaglarynyň ýygylaşjakdygy çaklansa-da, edil häzir döwürdeş wampirler lukmanlara içini dökmäge o diýen höwesli däl.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar